# Gündelikde galanlar -31/ dowamy

Category: Edebiýaty öwreniş,Goşgular,Kitapcy,Medisina,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -31/ dowamy 14.12.2019 (şenbe)

Şu gün Akbibi Ýusubowanyň ýogalandygyny eşitdim.

19.12.2019.

Institutyň alymlar geňeşi boldy. Men geňeşiň agzasy hökmünde gatnaşdym.
Ylmy işler boýunça orunbasarymyz Sähetmyrat Kakyşowyň işinde sahypa sanynyň azlygy hakda aýdanda, men oňa sahypa işiň esasy däl-de, mazmunyň zerurdygyny aýtdym. Ol şonda «Sahypa gerek» diýdi. Men durup bilmän «býurokrat bolsaň gerek bolaýmasa» diýip jogap berdim. Muňa onuň gaharynyň gaty gelendigini maňa gazap bilen seredýän gözlerinden gördüm.

24.12.2019.

Şenbe güni Atajan Tagan jaň edip, «Atamyradyň (Atabaýew) ortanjy oglunyň agzyndan gan gelip ölüpdir. Birinji gün (23.12.2019) üçi” diýip, Agageldi Allanazarow oňa aýdypdyr. «Atamyradyň özi hiç zat tananok» diýdi.

XXX

Şu gün edaradan Çary Kuly jaň edip, «Sapar Öre ýogalypdyr. Ertir çykarýarlar» diýip aýtdy. (17:00)

25.01.2020. (şenbe)

Kompozitor Baýram Hudaýnazarow ogluny öýerýär. Şu gün toýuň sadakasy. «Bägül» kafesinde geçirýän ekenler. Aýaly Nurjemal gelnejäni gördüm. Otuz ýyldanam gowrak bolandyr, ony görenim

ýadyma düşenok.
Baýramy gutladym. «Ertir toýa gel» diýip sargady. Öýleden soň Tirkiş Jumageldini gördüm. Gadyrly salamlaşdyk. 31-nji dekabrda ony Täze ýyly bilen gutlapdym. «Agzy gara adam erbet adam» diýip, oglan wagtymyz aýdýardylar” – diýdi. Ol birki sany ýazyjynyň adyny tutup: “Şolaňam agzy garady” diýdi.
Ol özüniň ejesiniň (adyna Garry diýýän ekenler) Keminäniň garyndaşlaryndan bolandygyny aýtdy. “Oglan wagtymyz ejem bilen Keminäniň obasyna baranym ýadymda. Şol obadan Akmämmet daýym meni gaty gowy görýärdi. Şol obada Kemine diýýärdiler, bir gaty daýaw adam hem ýaşaýan eken.
Akmämmet daýym mekdep mugallymydy.
“S.Nyýazow bizi käte kabul edýärdi. Şonda ol «Men Seýitnyýaz Atanyň Hudaýberdi Durdy hakda öwgüsine ynanyp ýalňyşdym. Ony sekretar SK etdim. Iki ýüzli adam eken» diýdi. Bir gezegem birtopar adam bilen görüşdi-de, meniň bilen gürrüň etdi. «Men Hudaýberdini ýene bir aýdan işden çykarjak» diýdi. Munuň meň üçin hiç hili ähmiýetiniň ýokdugyny oňa aýtdym.
“Warrygyň obrazyny döreden Gylyç Berdiden «Nähili ýagdaýyň?» diýip soranlarynda «Ölemzok öz-ä» diýýän eken. Bir gezegem muny ýene sorapdyrlar. «Ölemzok öz-ä» diýipdir. Ýanynda Meret Atahan «Item ölenok» diýip hüňürdäpdir”.
Biziň ikimizem hezil edip gülüşdik. «Halygy soramaga barýan» diýip, meniň bilen hoşlaşdy. Halyk diýýäni Halyk Garajaýew bolmaly. Onuň ýaşy togsana golaýlaşandyr.
Tirkişiň öz aýtmagyna görä, ol şumat 83 ýaşynda. Maňa-da «Senem-ä 80-e golaýlaşansyň!» diýdi. Men gülüp, «ýok-la, indi 70 ýaşym doldy, 71-iň içinde» diýdim.

28.01.2020.

Gije düýşümde merhumlarymyz Orazgüli, garry enemi, Aşyry, Çaryýary gördüm.
Mundan birki gün öň hem düýşüme garry enem, ýalňyşmasam, Orazgülem girdi.

02.02.2020.

Birki günlükde ýazyjy Atajan Tagan jaň etdi. Ýaşan ýerlerinde jaýlar ýykylyp, täze mikroraýondan (7-nji mkr.) jaý beripdirler. «Sona toý dagy etse, Sonaň (aýaly – A.Ç.) el telefonyny berýän» diýip, nomer berdi. Şu ýyl onuň (dekabr) 80 ýaşy dolýar.
Birki günlükde radioda, «Mirasda» Hodzko hakda çykyş etdim, goşgularymy okadym. Iň soňky gezek radioda geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda, has takygy, 90-njy ýylyň başynda goşgularymy okapdym. Ol ýazgyny men arhiwimde saklaýan.
«Mirasdaky» çykyşym erbet bolmady. O ýerde Atamyrat Gökow diýip bir gowy ýigit işleýän eken. Men oňa köp sag bolsun aýtdym.

***

Ýürek mydam Allaýary gereklär,
Ol çyn dost hem şahyr diýsem telek däl.
Ahmet Mämmedow,
04.02.2020 ý.

12.02.2020.

Merjeniň doglan güni – 39 ýaşady.
Düýn kompozitor Kerim Garawowyň işleýän ýeri konserwatoriýa baryp, «Awtoban ýoly» aýdymymyň täze ýazgysyny aldym. Bu aýdymy Şatlyk Gurbannazarow bilen Annageldi Annaýew – ýaş aýdymçylar, konserwatoriýanyň studentleri aýtdylar.
Tekstde «Alkyş size gahrymanlar» diýen setir bardy, «Gahrymanlar sözüni çalyşsaňyz» diýdiler. Şol setiri «Arşa galsyn şöhratyňyz, Gowşamasyn goý badyňyz» diýen setirler bilen çalyşdym.
Gürleşip otyrkak, bir student oglan «Siz Allaýar Çüriýewmi?» diýip, gapydan salamlaşyp girdi.. “Goşgularyňyzy okaýan. Gowy goşgular» diýdi.
Hoşlaşyp daş çykdym. Daşarda topbak-topbak gar ýagyp dur. Bir gyz gapa golaýlaşdy. Çykyp barýan student oglan «Surata düşeli» diýip, ony yzyna gaýtardy. Bu görnüş meni uzak-uzak ýaşlygymy biygtyýar ýadyma saldy.

25.02.2020.

Düýn «Çar tarapdan» radio kanalynda öz döredijiligim hakynda çykyş etdim we goşgularymy okadym.
Şu gün «Watan» gazetinde Sary bagşynyň ogly, “Pioner” sazynyň awtory Nury Saryýew hakdaky makalam çap edildi. Mundan bäş gün öň «Miras» radio kanalynda Hodzko hakynda çykyş etdim we goşgularymy okadym.

04.03.2020.

Şu gün Atamyrat Atabaýew ýogaldy. Gündiz sagat 3-de soňky ýoluna ugratdyk.
Öň kän wagtlap görmedik adamlarym bilen salamlaşdym: Atageldi Garýagdyýew, Öwez Muhammetberdiýew, Hudaýberdi Diwangulyýew, Muhammet Aýdogdyýew, Tirkiş Sadykow, Agageldi Allanazarow, Hemra Şirow we başga-da onlarça adamlar.
Guldurdy Sähetdurdy özüniň meni sylaýandygyny aýdyp, arada «Garagumda» çykan goşgularymy okandygyny, bir ýaşuly adamyň ýanyna gelip, «Türkmenistanda bir şahyr galan eken» diýip aýdanyny, (ol meniň goşgularymy okapdyr) aýtdy. Men Kömek Kula «Muň sözlerine ynanyp bormy?» diýip, degşip aýtsam, «Ynanyp bor» diýdi. Süleýman Süleýmanow hem «Erteki aýdyp ber» diýen goşgymy okap, gowy görendigini aýtdy.
Men Atamyrady ugratmaga işdeş ýoldaşymyz Ýazgylyç Orazgylyjow bilen bardym. Gaýdyşyn Gözel Şagulyýewa bilen görüşdim. «Meni ýatlaýaňmy?» diýip sorady. Menem «Her gün ýadymda» diýip degişdim. Elimi gysyp, ep-esli durdy.

XXX

Şu gün irden edarada 8-nji mart baýramçylygy mynasybetli ýygnak geçirildi. Aýal-gyzlary gutlap Ýazgylyç Orazgylyjow, Aman Nurmuhammedow, Hezret Durdyýew, Amangül Durdyýewa çykyş etdiler.
Men «Zenan», «Bu aýallar, bu aýallar, aýallar…» atly goşgularymy okadym. Goşgular oturanlara ýarady.
Ýygnagy institutyň direktory, filologiýa ylymlarynyň kandidaty

Dawut Orazsähedow alyp bardy.

07.03.2020.

Daňa golaý düýş görüpdirin. Orazgül bilen maşynlymy ýa motosiklli gidip barýas. «Gaty sürme» diýýär. «Ahyr ikimizem bile maşynda heläk bolarys» diýýär. Soň pyýada gidip barýas. Münmeli belentligimize çykyp bilmeýäs. Oýandym.
Düýn öýlän işe gitmedim. Ýaramadym. Öňki güni pyrlanýan stula münüp, ýykyldym. Ýüregimiň töweregi gaty agyrdy.
Öýlän ýatdym. Düýşüme kakam, Nepes agam, Annamuhammet Seýitmyrat, Baýgeldi giripdir.

18.03.2020.

Men 12-nji martdan keselhanada. Şu gün irden daýymyz Remezanyň ýogalandygyny Serdar jaň edip aýtdy. Ol nohurly Goçmyrat ahunyň neberesinden.
Biraz salymdan soň Sähetmyrat Dawudyň kakasynyň aýrylandygyny habar berdi. Meret bilen göründim. 3-de çykardylar.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Remezan daýy, Sapar aga!

22.03.2020.

Düýn keselhanadan çykdym.
Koronawirusyň ýaýramagy bilen dünýä howsala düşýär.
Bu wirus ilki Hytaýyň Uhan welaýatynda ýüze çykdy.
Bu wirus bilen kesellän adamlaryň ölümi Italiýada, Eýranda has ýokary. Biziň ýurdumyzda-da welaýatlardan Aşgabada adamlary goýbermeýärler. Aýtmaklaryna görä, bu wirus bilen kesellänleriň köpüsi garry adamlar.
Türkmenistanda koronawirusden ýogalan adamlaryň ýokdugy aýdylýar.
Hudaýa şükür!

04.04.2020.

Öwezgeldi Tekäýewiň aýdýan «Uruş weteranlary» atly aýdymyny diňläp otyryn. Muny Öwezgeldi meniň sözlerime 30 ýyldan gowrak

öň ýazypdy.
Bu günki gün indi ýurdumyzda ýek-täk uruş weterany galdy. Geçen otuz ýylyň içinde bu aýdymy näçe müň uruş weterany diňländir. Gözlerine ýaş aýlandyrlar. Öwezgeldi şu aýdym bilen Daşhowza täze ansamblly baryp, ýerlerde konsert berende weteranlaryň «Sag bol!» aýdyp gelendiklerini hem gürrüň beripdi. Urşuň merdana gahrymany agamyz Nepes Kakaýewiň hem şu aýdym hakynda «ýerine düşüpdir» diýeni ýadymda.
Uruş weteranlar guramasynyň başlygy Oraz aga Nepesow hem aýdymyň gaty gowy çykandygyny aýdyp gidipdi.
Uruş weteranlarynyň müňlerçesiniň şu aýdymy diňläp, bizden razy bolup gidendikleri hakdaky pikir kelläme geldi-de, göwnühoşlyk bilen şu setirleri ýazdym. Men muňa döredijilik bagty diýip düşündim.

04.04.2020.

Kompozitor Gurbandurdy Çaryýew:
– Halyk Garajaýewiň ogly Moskwada, bir gümrükhananyň başlygy. Moskwada 3 jaýy bar diýýädiler.
Halyk uruş döwri 3-4 sany öz deň-duş oglanlary bilen otludan – otla münüp, urşuň bolýan ýerlerine aşypdyrlar. Drižýor Orazgeldi Berdiýew ol hakda «Halyk dagy nemesleriň konserwasyny ogurlap iýýän ekenler» diýýärdi. «Ynanmasaň, özünden soraýyň» diýdi. Biz muny onuň özünden sorasak, «Dogry!» diýdi.Nemesler partizanlary gözläp gidýän wagtlary, olar olaryň ýaşaýan ýerlerine ogrynlyk bilen baryp, jaýyň äpişgesiniň aýnasyny palçyklap, soňam ýaglyk örtüp, daşlap döwýän ekenler. Şeýtseň hiç hili ses çykmaýar. Onsoň olaryň biri jaýa girip, öýdäki iýer-içer ýaly zatlary alyp çykýan eken.
Halyk Garajaýew Moskwa konserwatoriýasynda okaýan döwri studentleriň partorgy hem bolupdyr. Rejep Rejebiň okuwyna-da kömek edipdir. Soň 15 ýyllap buzly balet ansamblda-da işledi.
Bir gezek Nury Muhadow, Aman Agajykow, ýene biri, men dagy Moskwada naharlanmak üçin restoranda oturdyk. Aman Agajyk zakaz baryny etdi. Nahar iýemizde birimiz «geljek» diýip çykyp

gitdi. Soň Nury Muhat, soň ýene biri. Men bilen Aman Agajyk galdyk. Menem «häzir geljek» diýip çykdym. Görsem, olaň üçüsem daşarda durlar. Birhaýukdan soň Aman Agajyk ýüzi ak tam bolup çykdy. «Nädýäňiz-aý?» diýdi. «Puluňyzy tölemeseňiz, goýberjek däl» diýip duransoň, tölemeli boldy» diýdi. Nury Muhat gülüp: «Senem ömrüňde bir gezek töle ahyryn» diýdi.
– Bir gezek Aman Agajyk bilen bir aýlap Moskwada myhmanhanada bile bolmak miýesser etdi. Bir gezek hem iýen zadyny tölemedi.
– Bir gezegem, şol wagtlar Kompozitorlar soýuzynyň Saz fondunyň direktorykam, Aman Agajyk Moskwa fonddan 3manatlyk nota kagyzlaryny alyp, wagty bilenem tölemedi. Ahyry men hasabat döwri bolansoň, muny aýtsam, «Aý, şuňam gürrüňini edýäňmi?» diýýär. Menem jübimden üç manady çykaryp, «Adamlar, ine, şuny men Aman Agajygyň ýerine öz jübimden goýýan» diýdim. Gaty gysyk adamdy. Moskwada aýaly, ogly, planowoý jaýy bardy. Bar ýygnan puluny şolara äkidýärdi. Aşgabatda «Turist» myhmanhanasynyň garşysyndaky jaýlarda ýaşady. Näsaglan wagty aýalam gelmedi, çagasam görünmedi. Şeýdibem ölüp gitdi.
Nury Muhadyň hem puly köpdi. Ýekeje ogly bardy. Içýärdi. Arakdanam öldi. Aýaly orusdy. Özi hem näsaglan wagty 300 manat gerek däri-dermanlar üçin diýilse, «Mende-hä şol pul ýok. Ölmeli bolsa öläýerin» diýibem öldi pahyr. Aýalam ölen badyna jaýy-zady satyp, pulunam alyp göçüp gitdi.

06.04.2020.

Äpişgeden köçä seredip otyryn. Ir ertir. Sagat sekizden on minut işleýär. Köçede adam-gara az. Arkalary rýukzakly iki sany ýaş oglan bir zatlar soraşdylar. Köçe süpüriji eli bilen wokzal tarapy görkezdi. Ýolagçy oglanlaryň ýoly haýsy tarapyka? Durmuş ýollary bi oglanlary haýsy ýerlerden çykararka? – diýip oýlandym.

08.04.2020.

Düýn kakamyň ýogalan güni. Aýat-töwir etdik.

XXX

Şu gün irden ýagyş gatyşykly gar ýagyp başlady.

XXX

6-njy aprelden bäri çep gözüm agyrýar. Gabagym çişdi. It tirsegi ýaly bir zat bolmaga çemeli.

13.01.2020.

830. Serdar jaň etdi. Hal-ahwal soraşdyk. Sapargeldi Atdaýew düýn ýogalypdyr. Şu gün sag. 10:00-da ugradýarlar.
Sapargeldi bilen uniwersitetde bile bir döwürde okapdyk. Matematik. Uniwersitetiň prorektory hem bolupdy. Soňky döwürde institutymyzyň ýanyndaky edarada işleýärdi. 5-10 günlükde işe gelýän wagty görüpdim.

XXX

Düýn radionyň «Miras» kanalynda döredijiligim hakynda gepleşik berildi. 14-ne agşam sagat 19:00-da, 16-syna sagat ir ertir 11-de gaýtalanjak.

15.04.2020.

Orazsoltan daýza bilen gepleşdik.
Gyzy Maýany wraç Myrat Işangulyýewiň ýanyna görkezmäge äkidipdir. Myrat daýnaly Işangulynyň we Aýsoltanyň ogly. Aýsoltan duzlydepeli. Mämmet awanyň birinji aýalyndan.
Ikinji aýalyndan Gurban (öň 4-nji aptekde müdir bolup işledi) bolan. Gurban häzir mollaçylyk ýolundan gidýär diýdiler. Gowy adam. Men ony köp ýyllardan bäri göremok. Mämmet awa garyndaş bolansoň Orazsoltan daýzanyň daýysy Gurbangylyja Mama atly ýaşajyk gyzyny beripdir. Gurbangylyç uruşdan aýaksyz dolanyp gelen eken. Onuň birinji aýaly (ol könekesirli) Orazgylyjyň (Baýjan Orazgylyjyň kakasy) aýal dogany Annabikeden bir ogul bolup ölen. Soň çagasy bolmadyk. Şonda ol Mämmet awa: «Men bir maýyp adam. Obadan birine öýerseň» diýipdir, olam «Men saňa kimi alyp bereýin. Mamany beräýmesem?» diýipdir. Soň ol Mamany Gurbangylyja beripdir.

Aýsoltan hem Mamanyň ene aýry dogany. Gurbangylyjam, Mämmet awa-da ikisi-de Öwezgeldi tiresinden.
Muhammetguly Atabaýew ölenden soň onuň aýalyny (Agagül bolmaly) Goçmyrat ahun aýal edip alýar. Şu ýerde Döwletjemal daýzamyň hem Orazgylyjyň gardaşy, ýalňyşmasam, Gurbansähede garşy edip beren ekenler. Döwletjemaldan Atagylyç diýen oglan bolan. Äri ölensoň, Döwletjemal öýden gitmeli bolýar. Aba ekem alýar. Aba ekemiň hem Mamyş diýen aýaly bar eken. Ondan Eke Baly bolýar. Mamyş Annamuhammet Kürnüliň bajysy.
Muhammetgulynyň aýaly Agagül Döwletjemalyň ene aýry dogany. Mämi baýyň gyzy. Mämi baý gahar edip bir gün ahun agşam namazyny okap durka, tüpeňi bilen atýar. Şo wagt namazyň egilýän pursaty eken. Ok degmeýär.
Çaryklar üýşüp, Mämi baýdan ar aljak bolsalar, ahun oňa rugsgat bermändir. «Men onuň ýetimini aglatdym» diýipdir.

29.04.2020.

Günortan ymyzganypdyryn. Orazgül düýşüme girdi. 26-njy ýylda (1999 ý.) awariýa häläkçiliginde ýogalypdy.

07.05.2020.

Şu gün öýlän şahyr Nobatguly Rejebiň ýogaldy habary eşidildi. Irden sagat 5-de ýogalypdyr. Ertir irden 10-da çykarýarlar.

9.05.2020.

Şu gün radionyň «Çar tarapdan» kanalynda Beýik Ýeňşiň 75 ýyllygyna bagyşlanan gepleşikde urşa gatnaşan ýazyjy-şahyrlar hakda, Ýuriý Oleşa, Agata Turçinskaýa, Aýdogdy Tahyr – Matusowkiniň poemasy, onuň bilen alşan hatlarymyň, Ata Nyýazow, urşa iberilen eşelon, oňa gatnaşan adamlar – Ýusup Öwez, Berdi Kerbabaýew, Aman Gulmämmet… hakda, obadaş weteranlarymyz Nepes Kakaýew… dagy hakda gürrüň etdim. Goşgy okadym. – 1 sagada golaý.

13.05.2020.

Köýteniň Mukry obasyndan Hudaýşükür Egemberdiýew diýen bir ýaşuly 9-njy maýdaky gepleşigimizi diňläp, şu gün radio barypdyr. Gepleşik taýýarlan Tylla öýleden soň bu hakda aýtdy. Olar iki gyz bolup, ýaşulyny getirdiler. Eli hasaly. Gözüniň ugry ýok. Glawkoma bolupdyr.
Edarada onuň bilen bir sagatdan gowrak gürleşip oturdyk. Ol «Allaýar aga, seniň gepleşigiňi aglap diňledim» diýdi. Öz durmuşyndaky problemalary maslahatlaşmak üçin hem meni görmek isläpdir.
Ol 1943-nji ýylda doglan. Kakasy frontda ýogalan. Ejesi 1994-de ýogalypdyr. Ýatkeşligi gowy. «Irden bir däne hoz iýýän» diýdi.
Ir döwürlerde men «Ýaş kommunist» gazetinde işleýärkäm (1971-1973) gazetde habarlaryň aşagynda «H.Egemberdiýew» diýip biriniň ady gidýärdi. Başsakadan habar iberýärdi.
Megerem şol adam häzir meniň ýanyma gelen adam bolmaly. 15 ýyl teplowoz sürüpdir. 1-nji topar maýyp.

30.05.2020.

Düýn öýlän sagat 6-larda Arslan (Aşyryň ogly, 1976-njy ýylda doglan) Nyýazow bolnisasynyň reanimasiýasynda on gün töweregi özüni bilmän ýatandan soň ýogaldy.
Şu gün irden 9-da çykaryljak.

02.06.2020.

Irden Abdyşükür Nurmyradow ýogaldy. Sagat 4-de çykarjaklar. 1-2 aý mundan öň Aman Nurmuhammedow bilen onuň öýünde bolup gaýdypdyk. Şo wagtlar daýawdy. Soň instituta-da geldi.

13.06.2020.

Öten agşam ýüregimde agyrlyk duýdum. Korwalol içdim. Irden turdum. Döşüm agyrýan ýaly, o gün tigirden ýykylanymdan bäri arkam agyrýan ýaly.
Irdenki saharym – 81. Birazajyk dem almam kynlaşan ýaly. Soň aýryldy.

21.06.2020.

Kompozitor Gurbandurdy Çaryýewiň ejesi Mähri 63 ýaşynda ýogalypdyr. Goşun gullugyna ugradanlarynda (Baýramalynyň wokzaly) ejesi oňa «Hany oglum, gulagyňy bärik tut!» diýip, «Indi men seni görmerin» diýipdir. «Şonda dünýäm düňderilen ýaly boldy» diýip, Gurban aýtdy.
Ýogalanda men ýetişmedim, ýöne ol «Suhana aýdyň, (artist Suhan Hojagulyýew, häzirem ol bar) ölemden soň tä soňky ýoluma ugradýançalar başujumda saz çalsyn!» diýipdir. Wesýetini hem berjaý edipdirler.
Mähri eje Şamyrat işanyň gyzy. Şamyrat işan Baýramalyda gonambaşy. Gurbanyň atasynyň aýaly Näsime. Kürt gyzy.
Türkmençäni gowy öwrenipdir. Ýöne «okara» diýmegiň deregine hemişe «wakara» diýýän ekeni. Ol Aky baýyň aýaly. Gurbanyň kakasy Çary Aky. Köp ýyllap kolhoz başlygy bolan. Şaja Batyr ony gowy görýän eken. Uly ogly Ata Çary. Şaja Batyr Çärjewiň institutynda rektorka onuň öýünde ýaşapdyr.

29.06.2020.

Agşam sagat 8-den soň Meret Baýgeldiniň ýogalandygyny aýtdy. Nyýazow keselhanasynda birnäçe günden bäri agyr öýken keseli bilen ýatdy. Biz onuň öýüne baramyzda, ýaňy «Tiz kömek» maşynyndan düşürip, öýüne salypdyrlar.
Gardaşlarynyň hemmesi agzy maskaly. Ertir 10-uň ýarynda çykarýarlar.

3.07.2020.

Aýyň 1-ne öýlän institutdan bir oglan jaň edip, «Aman Nurmuhammediň aýaly ýogalypdyr» diýdi.
Şu hepde bize – ýaşulylary koronowirus bilen bagly «Öýde boluberiň» diýdiler.
2-sine irden baryp, Aman aga «yzy ýarasyn» diýdim.

06.07.2020.

Şu gün Turany ýere duwlan günümiz. Düýn Serdar bilen

Magtymguly gonamçylygyna baryp gaýtdyk. Aşyrdöwlete, Çaryýara, Turana, Mergene, Arslana aýat okadyk. Atamyrat Atabaý bilen Nobatguly hem Turanyň ýanynda. Atamyradyň ýanynda suwly çelek goýupdyrlar. Çynar ekilipdir. Oňa krandan suw goýberdim.
Ikisine-de aýat- töwir etdik.

XXX

Irden orus bazaryna bardym. Tirkiş Jumageldi bilen gabatlaşdyk. Tüweleme, entek daýaw.
Maşynly, öýünde goýup gaýtdym.

XXX

Gurban Çarynyň gürrüňinden:
– Bäsleşikde Amannazar Ataýewiň toparyna ýer bermändirler. Olam Aşyr Kula sögýär diýýä. Ýolaman Nuram indiki gezek alarsyň dagy diýse, – Eline depilen ýaly, seňki näm-aý – diýipdir. Çünki Ýolamanyň bir golunyň ugry ýok. Şonda ol Amannazaryň ýanyna baryp:
– Agdarylan pyşbaga ýaly, hiç kime göwnüň ýetenog-aý – diýdi.

04.07.2020.

Gurban Çarynyň gürrüňinden:
Konserwatoriýa üç ýyllap gatnapdyr. 3-nji kursdan kowupdyrlar. Daşkentde Hamit diýen oglan mugallymlaryň ýanyna alyp barypdyr. Notalarymy çalýar. «Özüň aýdyp berjekmi?» diýýärler. Professor Zeýsman «Maslahat etjek» diýýär. «Ýer aljak, gel» diýýär. “Ekzamene sähelçe wagt galanda, Zeýsmana jaň etdim. Ol «Gelibem oturma. Ýer bermediler» diýdi.
Opera aýdymçysy Nury Meret konserwatoriýanyň rektory Kakajan Maşadowiç bilen dost eken. Şol üçünji sapar meni dikeltmäge kömek etdi.
Hudožnik Juma Hudaýgulyew öz ussahanasynda kantel göterip duran eken. «Näme ölmejek bolýaňmy?» diýip soradym. «Hawa, Öwezmyrat Gandymyň boýnuna 72 saz guralyny dakyp, ýurtdan kowlanyny görsem, armanym ýok» diýdi.
Sebäbi şol wagtlar saz ugrundan işleýän Gandymow türkmen saz

gurallary hakda makala yzyna makala bilen gazetde çykyş edýärdi.

13.07.2020.

Bagşy Aman Gowşudow, şahyr gelin Miwe Tuwakbaýewa ýogalypdyr diýdiler. Şu günden başlap, agzyňa maska geýmeseň, 20 manat jerime salýarlar. Men öýde. Bazarlar, söwda merkezleri… ýapylan diýip eşitdim. Ýanymyzdaky demir ýol bolnisasyny karantin hassahanasyna öwürdiler.
Prezidentiň nebit-gaz geňeşçisi bolup işlän Kakaýew diýilýäni hem ýogaldy diýdiler.

15.07.2020.

Şu gün men 71 ýaşadym. Düýn radioda «Çar tarapdan» programmasynda men hakdaky gepleşigiň gaýtalanyp beriljekdigi hakda gepleşigi taýýarlan Tylla aýtdy.

XXX

Şu gün Moskwanyň Burdenko keselhanasynda birnäçe wagtlap koronowirusdan bejeriş alan (waksina) adamlar öýlerine goýberilipdir. Wirusyň garşysyna waksina tapylypdyr.
Şu gün Moskwadan habarlarda aýdyldy. Bize o waksina haçan gelerkä?

XXX

Žurnalist Amangeldi Sähet ýogalypdyr. Garrygala äkidipdirler. Ertir 3-i diýdiler.

17.07.2020.

Işdeş ýoldaşymyz Durdy jaň edip, Toýlynyň aýalynyň ýogalandygyny, ony ertir çykarjakdyklaryny habar berdi.
Irden Aman Nurmuhammede jaň etdim. Arada aýaly ýogaldy. Birinji günden bäri infeksion keselhanada ýatandygyny aýtdy. «Üşäpdirin» diýdi. Aýaly koronowirusdan ýogaldy – diýdiler.

XXX

Ýaňy telewizora seredip otyryn welin, türkmen aýallarynyň ýaşmagyny öwdüler.
«Her döwür, bir döwür». Sowet döwründe ýaşmagy näletläp çykyş edendikleri ýadymda.
Žurnalist Rahym Esenow «Prawda» gazetiniň habarçysyka nohurly aýallaryň ýaşmak ýaşynýandyklaryny näletläp ýazypdy. Megerem, bu 60-njy ýyllardy.

20.07.2020.

Gurbandurdy Çaryýew:
– Ysmaýyl Jumaýew diýip aýdymçymyz bardy. Owadan oglan. Agşam bokurdagyndan tutupdyr. Sagat gije 1-de ölüpdir. Türkmenistanyň halk artistidi.
Aýdymçylar Annagurban Annarejebow, Ysmaýyl Jumaýew, Amangeldi Illiýew opera aýdymçysy Bäşim Artykdan tälim alypdyrlar.
Atageldi Garýagdy aýdymçy Nury Merediň okuwçysy.

XXX

Şu günler çagalar bagynda işläp ýören bir gelin şeýle diýýär: daşarda elimiz sübseli ýer süpürip ýörüs, bedreli işgärler suw sepeläp ýör, birdenem GAI maşyny gelip, «Nämüçin içerde däl-de, daşarda, içeri giriň» diýýär. Içerä girýäs. Az wagtdan gorononyň başlygy aýlanyp, «Näme üçin daşarda hiç kim ýok» diýip käkeleýär.
Medsestra gelin näme etjegini bilmeýär. Ýene biz daşary çykýas. Biziň toparymyzda bir çagajygy getirýärler. Galany öýde».
Garaz, şunuň ýaly ýagdaý.

26.07.2020.

Lokga enem – Nowbahar Aşyr gyzy. Aşyr jalaýyň gyzy, Molla Ysmaýyl ahunyň agtygy. 70 ýaşlarynda, 1979-njy ýylyň 27-nji iýulynda agyr keselden ýogalan Lokga enem düýşüme giripdir. Ertir onuň ýogalan güni.

Köçeden gidip barýan ekenik. Lokga enem, Meret, men. Aşyram bar ýalydy. Myrat Gurbanmyradyň öýüniň arkasynda. Köçede Meret birden düşnüksiz gygyrdy. Şeýdibem oýandym.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, jan enem!

28.07.2020.

Düýn ýazyjy Hudaýberdi Diwangulyýew, iki gün öňem 90-dan geçen aýal dogany Annagül ýogalypdyr.
Hudaýberdi 17-njimi ýa 18-nji iýulda doglan bolmaly. 80 töweregi ýa 80-den geçen adam.
Ýatan ýeriňiz ýagty bolsun!

R.S. Hudaýberdini men Atamyrat Atabaýewi soňky ýoluna ugradamda gördüm. Gördüm, görüşdim. Aýal doganyny soradym. 96 ýaşynda diýen ýaly etdi. “Ýatkeşliginiň, huşunyň ugry ýok” diýdi.
Meret ony iýulyň başlarynda aptekde görüpdir. Şlýapaly. «Meni tanamady» diýdi. Men muny 6-njy iýulda, orus bazaryndakam Tirkiş Jumageldä gürrüň beripdim.

30.07.2020.

Melikäniň giriş ekzameni başlandy. Şu gün birinji ekzamenden – «Türkmenistanyň taryhyndan» geçdi. Ýene iki ekzamen. Ertir, birigün.
A.Kekilow adyndaky pedagogik uçilişesine okuwa girmeli.

XXX

Şu gün 1430-da güýçli ýagyş ýagdy – 10 minutlyk.

01.08.2020.

Melikäniň şu gün doglan güni. Şu günem soňky ekzamenini tabşyryp, A.Kekilow pedusilişesiniň talyby boldy.
Berekella. Doglan gününe ýatdan çykmajak sowgat!
Merjen buşlady.

XXX

Şu gün maňa ýürek damarlarynda stend goýlanyna göni bir ýyl boldy (01.08.1919). Öýlan ugrum bolmady, dawleniýäm – 160/90. Dermandan soň – 130/80. Agşam ölçedim – 150/90. Derman içdim – 130/70.

02.08.2020.

Gije 1-den işlände ýagdaýym gowy bolmady, dawleniýäm 160/70. Nefidipiniň ýarysyndan gowragyny içdim. Maňlaýyma, ýüregimiň üstüne öl mata goýdum.
Hiç kim ýok. Serdar aýaly, agtyklary bilen obada. Merjen bilen Melike, Guwanç hem şu gün oba gitdiler.

18.08.2020.

Birki günlükde Baýram Kerbabaýew ýogalypdyr. 3-4 aýlykda Abdylla Abdyllaýewiçiň ogly Konstantiniň ýylyny sadaka edenlerinde men onuň bilen bir stolda oturyp gürrüň edipdik. Men baramda ol Arslan Durdyýew (köne diktor) bilen gürleşip oturan eken.

19.08.2020.

16-njy we 18-nji awgustda radionyň «Miras» kanalynda men hakda 1 sagatlyk gepleşik berildi. Taýýarlan Şeker Hojanowa.
Irden nohurlylaryň «Özüňden bolan balaýa, nirä gidersiň nalaýa?» diýen nakyly ýadyma düşdi. Men muňa başga dialektlerde duşmadym diýen ýaly.
Akademik B.Garryýewiň «Türkmen nakyllary» kitabynda-da ýok.

21.08.2020.

Awgust aýyndan men zähmet rugsadynda. 22-sine işe çykmaly. Ýakynda edarada ýygnak edip, otpuskadaky pensionerler möhleti gutarandan soň, ýene bir aý tölegsiz öýde bolsunlar diýlipdir.
Men 18-inden býulletende, kän bir öýden çykman, goşgy ýazýan, telewizora seredýän, kitap okaýan. W.Ždanowyň Nekrasowyň ömür ýoly we döredijiligi hakdaky kitabyny okap çykdym. Şahyr hakda köp gyzykly maglumatlar tapdym. Indi I.S.Turgenew hakda

N.Bogoslowskiniň (1959 ý.) ýazan kitabyny okap otyryn. Bu ýazyjy hakda öň eşitmedik zatlary okamagyň lezzeti aýrybaşga. Beýik rus tankytçysy W.Belinskiniň o wagt ýaş ýigit Turgenewe ýazan haty meni geň galdyrdy. Ol şeýle ýazýar:
«Когда Вы собрались в путь – писал ему вдогонку Белинский, – я знал вперед, чего лишаюсь в Вас, но когда Вы уехали, я увидел, что потерял в Вас больше, нежели сколько думал, и что Ваши набеги на мою квартиру за час перед обедом или часа на два после обеда, в ожидании начала театра, были одно. Что давало мне жизнь. После Вас я отдался скуке с каким-то апатическим самоотверженим и скучал, как никогда в жизн мою не скучал» (138).

25.08.2020 (ikinji gün)

Şu gün Turanyň doglan güni. Ýaşap ýörenliginde ep-esli ýaş bolmaly. 1971-iň oglany. Serdar, Merjen bolup Magtymguly gonamçylygyna baryp aýat okadyk. 49 ýaşynda bolmaly. Atamyrat Atabaýewiň, Nobatguly Rejebowyň hem mazarlary şo ýerde. Hemmesine aýat okadyk.
Gije Atamyrat düýşüme giripdir. Men Moskwanyñ myhmanhanasynda, Atamyradam meň bolýan ýerime gelipdir. Men ojuk-bujuk almak üçin şähere gidýän. Soň öwrülip gelýän. Daşarda duran garawul aýal bilen gürleşýän. Gostinisa girmänem oýanýan ekenim…
Gündiz Goçamanow bilen onuň gürrüňini edipdik.

28.08.2020.

Irden poliklinika bardym. Kardiologda boldum. Sahary irden özüm barlamda 102 boldy. Poliklinikada saharyma analiz berdim. Öýe gelip, podýezdde tigirimiň ýoklugyny görüp, birhili boldum. HGÇ-niň oglanlary düýn podýezdde täze rubilnik goýdular. Şolara müňkürlik edäýmeseň.
Polisiýada işleýän Azat goňşa jaň etdim. «Oglanlar habar tutar» diýdi. Ertesi agşam uçastkowyý Ahmet geldi. Aýtdym. Belläp gitdi.

27.09.2020.

Hudožnik Hally Annaçaryýewiň aýalyny kardiologiýa keselhanasy kabul etmändirler. Ony demir ýol keselhanasyna getiripdirler. O ýerde-de koronowirusdyr diýip kabul edilmändir. Soň Çoganlydaky infeksion keselhana äkidipdirler. O ýerde ony barlap, koronowirus däldigini anyklapdyrlar. Ýagdaýy gowulaşypdyr. Ýürekden eken. Gepläpdirem. Muňa garamazdan, şo gün ol keselhanada ýogalypdyr. Sorag ýüze çykýar: Koronowirus bilen kesellän nähoşy keselhana näme üçin kabul etmeli däl! Hany, bu ýerde medisinanyň prinsipleri.

28.09.2020.

Düýn öýlän men özüm üçin gorkunç är-aýal goňşymyň aýylganç adamlardygyna gözümi ýetirdim. 8-nji klasyň okuwçysy bezzat garry adamlaryň gaharyny getirýär. Şonuň üçin men 12-nji mekdebiň direktorynyň ýanyna baryp, olaryň ýagdaýlaryny (Geldi, doganlar Hamza, Ylýas, Hydyr) aýtdym. Ýogsam men muny öň Geldiň ejesine oglunyň ýagdaýyny duýdurypdym. Beýlekileriň ejesi meni diňlemedem.
Ine, şo wakadan soň düýn ýaňky är-aýal götlerini açdy. Bulaň sesiniň eýmençdigini! Bir ýoldaşym bilen telefonda gürleşip otyrdyk, men olaryň men hakda aýdýan zatlaryny – nohur, dokuz eşek, haramzada ýaly sözlerini eşitdirdim. Ýoldaşym geň galdy. Men hiç zat diýmedim. Özleri gygyryp, özleri köşeşendirler-dä! Daşlaryndan beýle gorkunçdyr öýtmeýärdim. Pukara adamlar diýip ýüregim awaýardy. «Adam alasy içinde» diýleni. Bilseň gowy!
Indi beýleki çagalaryň ejesiniň gykylygyna garaşýan. Ol häzir Garrygala – öz obalaryna gitdi. Beýleki är-aýal Gyzylarbatdan. Bular ýaly şerraýlardan, Hudaý gorawersin!

02.10.2020.

Düýn iki ýyllyk ylmy işimiň alymlar geňeşinde tassyklamagy üçin synçylara berlipdir.
Işde professor Berezin, diplomat Bakulin, akademik Krymskiý ýaly türkmen edebiýatyny öwrenen alymlaryň ylmy mirasy we ömür ýollary öwrenildi. Akademik B.Kerbabaýewiň edebiýaty öwreniş işleri hakda ýazyldy. Ozal öwrenilmedik alymlar.

05.10.2020.

Düýn işde Ahmet Mämmet edebiýatçy alym Seýitguly Mämmetnurowyň tarpa-taýyn aradan çykanlygyny (4-ne bolmaly) aýtdy. Ony öz obasyna, Ýolötene äkidipdirler. Seýitguly buluç milletindendi. Doktorlyk işi taýýardy. Şony goramaga höwes edýärdi. Köp kitap ýazdy.

08.10.2020.

Agşam sagat 9-dan soň özümi duýşum gowy bolmady. Kelle gysyldy. Kelläňe ugursyz pikirler geldi. Ýürek darykjak bolýar, dawleniýemi ölçedim 120-80. Puls normalnyý. Adaty urşy ýaly. Sitromon içdim, walidol ulandym. Aýagymy uzadyp ýatdym. 2350 – biraz rahatlandym. Mundan öň Merjene, soň Serdara jaň etdim. Serdar dostunyň öýünde eken.
Şunuň ýaly ýagdaýda ýanyňda bir adamyň bolmagyny isleýäň. Awgust aýynda obada bolanymda-da edil şunuň ýaly boldy.

16.10.2020.

Şu gün alymlar geňeşinde meniň «Türkmen edebiýatyny öwrenijiler (XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň birinji ýarymy)» atly ylmy işim maslahatlaşyldy we tassyklandy. Synçylar filologiýa ylymlarynyň kandidaty Sapar Çaryýew, ýaş alym Sapargül Sowetowa.Gowy baha berildi.

24.10.2020.

Şu gün Sähetmyrat bilen orus bazarynda bolduk. Tirkiş Jumageldä gabat geldim. Agzy-burny örtükli. Öňki görenimden azajyk horlanan ýaly.
– Bazara kyrk minutda geldim. Pyýada. Indem taksi tutup gaýdaryn-da – diýdi.
Men ony maşynymda öýüne getirip goýdum. Sähetmyrady tanyşdyryp: «Aý, ýaşlar meni tanaýan däldir» – diýdi. Men «Ýok, tanaýarlar» diýdim.
Nargylyç Hojageldi hakynda pikirini aýtdy. «Agzy gara» – Şirin Geldiýewany sorady. «Äri Täçmuhammet biziň goňşy obamyzdandy.

Şoňa öýlenmeli däldi» diýdi.
– «Agzy gara» adamlar gowy bolanok. Hudaýberdi Durdyýewiň hem, Annaberdi Agabaýewiň hem agyzlary garady – diýip, olara-da dogry baha berdi.
Obany sorady. Rahman Öwezi ýatlady. Gowy adam bolmandygyny, o hakda Juma Köýnegiň käýinip, «Çoça» diýendigini aýtdy. Men hem onuň «Edebiýat we sungat» gazetiniň baş redaktorynyň orunbasarlygyna nädip gelendigini gürrüň berdim.
Ol Çary Annagurbanyň tagallasy bilen hemem Rejepdurdy Garaýew dagynyň zawotdel SK bolanlygyndan peýdalanyp, meni öz ýanyna – telewideniýe işe alandygyny, Rahmanam radiodan işden çykaryp, meniň ýerime goýandygyny aýtdym.
Çary Annagurban bilen men Kakaly Berdi, Seýitnur Ataýew dagy bolup obamyza gidendigimi aýtdym, onuň öz bähbidi gelende dostlugyň, ýoldaşlygyň üstüne atanak çekip bilýändigini bilipdim.
Agşam Serdar bilen Baýjan Hojany soramak üçin dagyň etegindäki täze salnan böwrek hirurgiýasyna bardyk. Işlemeýän böwreginden kiçiräk daşy aýrypdyrlar. Indi beýleki işleýän böwreginden aşyk ýaly daşy aýyrmaly – diýdi. Serdar maňa düşündirdi. Siýdige ganyň garylyşy iki esse köpelipdir. Aşyryň ogly Arslanyňky hem şeýle boldy. Palatasynda birsalym oturdyk. Ýanyndaky ýoldaşy Tejeniň Agalaň obasyndan gelen. Gany az – 47 göterim.
Tanyşdyk. Meniň Allaýar Çüriýewdigimi bilip, ýatan ýerinden galjak boldy. Galdam. «Sizem görmek miýesser etdi» diýdi. Öz ady Öwez. 10 ýyl geografiýa mugallymy bolupdyr. Häzir kärendeçi öýdýän. Sähetmyradyň obadaşy bolmaly. «Şamyrat Täşliň adyny köçä dakdyk. Mäti Kösäň adyny mekdebimize dakdyk» diýdi. Şamyrat aga-da Agalaňda doglan ekeni.
Aýjeren telewideniýede redaktor. «Bizde myhmançylykda» atly gepleşigi alyp barýar. Indi bir ýyldan gowrak şu gürrüň bar. Geçen ýyl men operasiýam boldy-da, razylyk bermändim. Arada jaň edip, «ýazgy edeliň» diýdi. «5-10 günden habarlaşarys» diýsem-de, özi düýn jaň etdi. «Bolýar» diýsemem, şu gün irden gepleşdim. Näme üçin bolmaýanyny düşündirdim. Sebäbi şeýle gepleşik 2001-nji ýylda taýýarlanypdy («Ylham», rež. Çerkez

Şamyradow) bäş minut görkezilenden soň, ekrandan aýyrdylar.
2005-de bir sagada golaý gepleşik edilende 3-4 minut galanda ekrandan aýyrdylar. Munda Nyýazowyň öz görkezmesi bar. Öňküsi hem şeýle bolmaly. Aýjeren «Häzir munuň ýaly däl» diýdi. «Ministrden ertir soraryn» diýdi. Men «Hiç kimdenem sorama. Sorasaň meň adymyň töwereginde ýene kölegeli gürrüňler dörär. Gerek däl» diýdim. Şeýdip Aýjeren bilen ylalaşdyk.
Ýogsam, men Jahan ýegeniň öýünde ýazgy ederis diýibem göwnesem-de, ýürek bir zatlar syzýan ýaly, Aýjerene jaň edip, ýazgyny ýatyrmaly boldy.

26.10.2020.

Kakam şu gije düýşüme giripdir.

21.11.2020 (şenbe)

Agşam Melikäniň başyna ýaglyk atylypdyr.

XXX

25-nji noýabrda işdeş ýoldaşymyz filologiýa ylymlarynyň kandidaty Gurbanjemal Ylýasowa bilen bagşy Hangeldi Annamyradowy ýatladyk. Gurbanjemal olaryň öýüne barýan eken. Öz joralary filologiýa ylymlarynyn kandidaty Amangül Durdyýewany, filologiýa ylymlarynyň doktory Şirinjemal Geldiýewany, biologiýa ylymlarynyň doktory Ogulbagt Sabyrowany hem özi bilen äkdýän eken. Hangeldi aganyň olara dakan lakamlary:
A.Durdyýewa – paýapyl (yrga), tilkileriň şasy, O.Sabyrowa – gezegen it, Ş.Geldiýewa – maň goýun, G.Ylýasowa – çekirtgeler şasy, bir manatlyk et, püri dökülen ýylgyn, Gurbanjemalyň gyzy Gülşada – öý tarakany.
Şu gün sagat 10-larda Gurbanjemal Ylýasowa bilen Taslama köçesinde ýaşaýan Abadan Orazowanyň ýanyna (ol Hangeldi Annamyradyň ýanýoldaşy) bardyk. Ugramazdan öň Gurbanjemal Abadan Orazowa jaň etdi. Ýolda ol ýene jaň edip, nähili barmalydygymyzy salgy berdi. Köprüden öwrülende awtobusyň gatnaýan köçesi bilen gelmelidigimizi maňa düşündirdi. Edil

köprä ýetenimizde ol ýene jaň etdi. Şo wagtlar biz nirä öwrülmelidigi hakda pikir öwrüp gelýärdik. Onuň şo pursat jaň etmegine men haýranlar galdym. Ol edil bizi görüp duran ýaly.

Abadany men uniwersiteti gutaralym bäri – 1971-nji ýyldan bäri birinji gezek görşüm. Känbir garramandyr. “1995-nji ýyla çenli uniwersitetde mugallym bolup işledim” – diýdi. Hangeldi aga oňa «Men 81 ýaşadym. Şu ýaşa ýetmegime sen sebäp bolduň. Sen meni ýaşatdyň” diýip aýtdy» diýdi.

–Ýerde ýazylgy halyny biz Eýranda satyn aldyk. Bir ujuny elläp görüp, «Halyny alýas» diýdi. Men «Hangeldi, bu milli zat. Bizde halyny geçirmeýärler» diýsem, ýanyndaky eýranly dostuna garap: «Hajy aga, bir alajyny eder» diýdi. Halyny uly maşynyň öňdäki oturylýan ýeri söküp, şony ýere ýazyp geçirdiler. Hiç kim bilmedi – diýip, Abadan aýtdy.

Biz Abadandan sekiz sany disk, iki sany magnitofon kassetasyny aldyk. 3 ekz. göçürip yzyna bermegi wadalaşdyk. Birini arhiwe, birini Gurbanjemala, biri hem özüme.

Garrynohurly Meret mollanyň agtygy Meret atasynyň ömrüniň ahyrky günlerine çenli Meretmuhammede alkyş aýtdy diýdi.

Meretmuhammet Çüriýew 1997-nji ýylda Bäherdene häkim bellenildi. Şonda ol ýany bilen welaýat häkimi Kakajan Täşliýewi hem mundan öň Ministrler Kabinetiniň orunbasary bolup işlän Pirguly Ödäýewi Nohura baranlarynda ýaşy birçene baran Meret molla diýlen ýaşulynyň öýüne alyp barypdyr. Meret molla hemem şol obaly Allaýar molla Goçmyrat ahunyň elinde okanlar (Goçmyrat ahun 1919-njy ýylda ýogalan). Meretmuhammet:

– Şu adamlar welaýatyň ýolbaşçylary. Sizem 80-nji ýyllarda oblastyň ýolbaşçysy Poda Annaorazowyň görkezmesi bilen dindar diýip azar berlipsiňiz. Şular munuň üçin siziň öňüňizde ötünç soramaga geldi – diýip aýdanda, Meret molla tolgunjyna bäs gelip bilmän pozulypdyr.

XXX

Atajan Tagana bagyşlap goşgy ýazypdym. 80 ýaşy mynasybetli.

Arada «Diýar» žurnalynda goýup gaýdypdym. Düýn goşgyny alypdyr. Şu gün «Gowy goşgy» diýip, jaň edýär. Minnetdarlyk

bildirýär. «Goşgy toplumyň arasyna goş-da, «Edebiýat we sungat» gazetine beräý» diýdi.

14.12.2020

Şu gün alymlar geňeşi boldy. 2020 – 2021-ji ýyllar üçin meniňem planly ylmy işimiň temasy – «Gündogary öwreniji alymlar (XX asyryň ýigriminji – altmyşynjy ýyllary)» atly işimiň temasy tassyklandy. Taryh ylymlarynyň doktory Ýazgylyç Orazgylyjowyň ýazan Garaşsyz Türkmenistanyň taryhy bilen bagly işi hem tassyklandy. Şonda Ýazgylyç aga «Işimizde ýetmeýän ýerleri bardyr. Häzirki wagtda-da tankydam gowşak. Ýöne 40-50 ýyldan bu döwri öwrenjeklere maglumat kän» diýip gelşirip aýtdy.
Geňeşde institutyň öňki işgäri zehinli alym Gylyç Nepesowyň 83 ýaşynda ýogalandygy, şu gün sagat üçde çykarýandyklaryny habar berdiler.
Geňeşden çykyp men ýogalanyň ýerine bardym. 11-nji mikroraýonda ýaşaýan eken. Ol maňa öz ýazan birki sany kitabyny ýazgysy bilen sowgat beripdi.

20.12.2020

Öten agşam ýazyjy Tirkiş Jumageldiýew düýşüme giripdir. Bir zatlar diýjek bolýar. «Özüňde galarmy?» diýip soraýar.
Waka dagda bolup geçýär.
Şu gün Gurbanjemal Ylýasowadan zehinli alym we adamkärçilikli adam Şamuhammet Gandymowyň ýogalan habaryny eşitdim. 1942-43-nji ýylyň oglany bolmaly. Ýatan ýeriň ýagty bolsun!
Arada şol institutdan Seýitguly Mämmetnurow hem ýogalypdy.

04.01.2021

Şu gün bolgusyz gün boldumykan öýdýän. Irden işe göründim.
Öýe gelibem kelläm agyrjak bolany üçin dawleniýemi ölçedim – 180-de 100.
Bir tabletka katrik, bir tabletka kaptoptril hemem korwalol içdim-de, uzynlygyna ýatdym. Bir sagada ýakyn wagt geçenden soň barlasam 260-dan geçýär, aşagy 120. Nefedepini dilimde

goýdum. Skoryý geldi, dawleniýämi ölçedi. Nefedepinden soň aşak gaçyp başlapdyr. Serdar Krasnyý Krestde eken, ol geldi. Gunçanyň dogany ýaraman keselhana düşüpdir şu gün, dawleniýesi 50-de 20 diýýär.
“Skoryý ukol edeli” diýdi, “soň ederis” diýdim. Gitdi. Dawleniýe 100-de 70. Puls 74.
Serdar birsalymdan gitdi. Gapy kakylýar. Açsam goňşy gyzy, ýokarky gatdan suw waglap podýezden akýar. Düýn ussalar bejerip gitselerem oňarman ekenler. Çagyrdym. Geldiler. Bejerdiler. Howply ýagdaý. Suw toga degen bolsa öý požar bolmaly. Goňşymyz Ženýa ýetişdi. Suwy ýapmaga ýetişdi. Ýokarky goňşular düýn agşam birküç sany ussa çagyryp, turbalaryny oňartdylar. Olam beýle boldy.
Zala suw girdi. Goňşy gyz kömekleşdi. Dawleniýe-de ýatdan çykdy…

09.01.2021 (şenbe)

Düýn edara görnüp gaýtdym. Ahmet Mämmet şu zady gürrüň berdi:
– Amanmyrat Bugaýew 60 ýaşyny öýünde belledi. 10-15 sany adam çagyrypdyr. Bardym men. Barsam adamlar otyr. Meniň yz ýanymdan žurnalist, şahyr Juma Orazow girdi. Ol Aman bilen bile işläpdir. Ol meniň ýanymda oturdy. Atamyrat Atabaýew arak guýup, tost aýtdy. Her kim stakany agzyna ýetirdi. Juma-da stakany göterdi, ýöne içip bilmedi-de, maňa tarap gyşardy. Şeýdibem jan berdi.
…Men Juma aganyň ýogalanyny eşidipdim. Ýöne Amanlarda ýogalanyny eşitmändim.
«Edebiýat we sungatyň» baş redaktory Maýsa jaň edip, goşgularymdan habar tutdum. «Siz hakda makala bar. Goşgularyňyzy hem bile berjek» diýdi.
Mundan öňki iberen goşgularym 6-7 aýdan bäri redaksiýada ýatyrdy. Mary hakynda gadymy jahankeşdeleriň galdyryp giden ýazgylary bilen bagly ýazan makalam hem ýatyrdy. Makalany men ýaňadan «Garagum» žurnalyna iberdim. Goşgularymy bermänsoňlar, men ýanwaryň başlarynda täzelerinden iberdim. Şo ýerde Nowruz Gurbanmyrat päsgel berýärmika diýýärin.

Radionyň «Miras» kanalyndan Jemile geldi. Men oňa Ferideddin Attar hakda gürrüň berdim. Ol radio üçin ýazgy etdi. Gürrüňimde obamyzdaky Attaryň mawzoleýini Nowaýynyň gurdurandygyny hem ilkinji gezek aýtdym. Çünki bu hakda Bertelsiň maglumatyna esaslandym.
Arada radioda akademik Samoýlowiç hakda çykyş etdim. Jemile ýazgy edipdi.

10.01.2021

Kompozitor Rejep Rejebow ýogalypdyr. Ýaňy çykarypdyrlar.
Bu hakda kompozitor Gurban Çary jaň edip aýtdy.

12.01.2021

Melike pedusilişede okaýar – 1-nji kurs. Birki günlükde rus dilinden ekzamen tabşyrypdyr 5-lige, 30-njy sorag. Bir soragy Allaýar Çüriýewiň bir goşgusy (ady ýadyma düşenok) hakda gürrüň bermeli.

13.01.2021

Öten agşam Baýmuhammet, Serdar hemem men koronowirusyň barlygyna ýa ýoklugyna test tabşyrdyk (agşam sag. 7-lerde). «Gije 1-de netijesini habar ederin» diýensoňlar ýatman garaşdym. 1-de-de, 2-de-de habar ýok. Baýjana jaň etdim. «Ýatma-da garaşyber» diýdi. Oýaly-ukuly ýatypdyryn.
Irden 6-yň ýarynda Baýjandan jaň geldi. Üçümizde-de şo wirus ýok. Begendim.
Şu gün Serdaryň doglan güni. Ony hoş habar bilen we doglan güni bilen gutladym. Merjenem ýanymda. Olam gutlady.

14.01.2021

Daňdanlar düýşüme ejem giripdir. Ýanynda Annajemal daýzam, elinde bäbek bar eken.
Üýşmeleňde çykaran köwşümi tapmadym, ejeme aýtsam, ol meniň bilen köwüş gözleşdi. Köwşümi tapyp berdi.
Aşaky obaly Geldimämmet awamyz hem düýşüme giripdir. Ol has ir

ýogalan adam. Öňküsinden horlanypdyr. Öňki garagollugymyşyn diýýän. Ýatlamalar